# Törebeg hanymyñ mawzoleýinde

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Törebeg hanymyñ mawzoleýinde TÖREBEG HANYMYÑ MAWZOLEÝINDE



*XVI asyrda salnan bu ymarat henize-bu güne çenli öz durkuny saklaýar.*

Ine, öňüňizde gadymýet dur,
Özüniñ şatlygy, hasraty bilen.
Ine, öňüňizde gadymy taryh,
Heniz açylmadyk bir gaty bilen,
Güni-güzerany, pyrkaty bilen.

Kim döretdi bu ajaýyp sungaty,
Nesiller, asyrlar dymýar bu mahal.
Niçik boldy ussalaryñ ykbaly,
Göz öňüme gelýär, ine, Täçmahal.

Beýik zady ýer ýüzünden sypyrmak,
Asyrlara eýgertmändir hiç mahal.
(Taryhyñ gatyna çümýärsiñ bada,
Beýikligi görüp, oýlansañ sähel).

On ädim gapdalyñ beýik minara,
Bize gadymýetden galan ýadygär.
Olaryñ hemmesi beýiklik ahyr,
Olar asyrlardan asyra ädýär.

Asyrlaryñ şatysyna döz gelen
Beýik sungat bilen

Gürleşip durun.
Geçmiş bolsun, köne bolsun parhy ýok
Beýik zada başym egmek dessurym.

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular